**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2019-njy ýylyň 25-nji oktýabryndaky**
**№107 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 1-awto-A « Awtomobil ulaglarynyň işi barada hasabat»**
**(çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№ 1-awto-A «Awtomobil ulaglarynyň işi barada hasabat» (çärýeklik) döwlet statistik hasabat formasy boýunça öz balansynda duran awtoulag bilen ulag hyzmatlaryny ýerine ýetirýän hususy eýeçilikdäki, jemgyýetçilik birleşikleriniň (edaralarynyň) eýeçiligi, kooperatiw birleşikleriň eýeçiligi, gatyşyk (birleşdirilen) eýeçiligi, beýleki döwletleriň, olaryň kanuny hukukly we şahsy taraplarynyň eýeçiligi, Türkmenistan bilen bilelikdäki we daşary ýurtlaryň gatnaşmagyndaky gatyşyk eýeçiligi bolan kärhanalar (guramalar) tabşyrýarlar. Hasabat her çärýek salgy böleginde görkezilen salga we bellenen möhletde tabşyrylýar.

## 1 BÖLÜM.
## ÝÜK WE ÝOLAGÇY GATNATMAK BOÝUNÇA ULANYLÝAN ULAGLARYŇ IŞI

01 setirde ýük awtomobilleri bilen daşalan ýükleriň möçberi (ýük taksomotorlary, pikaplary, ýeňil furgonlary goşmak bilen) her bir gatnaw üçin taranyň, konteýnerleriň haryt-ulag resminamalarynda tassyklanan agramlaryny hasaba almak bilen daşalan ýükleriň hakyky agramy boýunça kesgitlenilýär.

02 setirde ýük dolanyşygy daşalan ýükleriň her toparynyň tonnada ölçenen agramyny olaryň daşalýan müň tonna/kilometrde ölçenen tarif aralygyna köpeldilen jemi kesgitlenilýär.

03 setirde gatnadylan ýolagçylaryň sany görkezilýär.

04 setirde ýolagçy dolanyşygyny gatnadylan ýolagçylaryň sanynyň gatnawyň ortaça aralygyna köpeldilen jemi hökmünde kesgitlenilýär.

## 2 BÖLÜM.
## AWTOULAGYŇ IŞINIŇ MALIÝE GÖRKEZIJILERI

01-nji setirde işleriň ähli görnüşleri boýunça alnan girdejiler görkezilýär (1-nji sütünde hasabat ýylynyň başyndan, 2- nji sütünde geçen ýylyň degişli döwründe). Şu setiriň görkezijileri 02–05 setirleriň goşulmagy bilen kesgitlenilýär, oňa ýük awtomobilleriň, ýolagçy awtobuslaryň, bellenen ugry bilen gatnaýan taksomotorlaryň, ýeňil taksomotorlaryň gatnaw işlerinden alnan we kärhananyň beýleki işlerinden alnan girdejiler girýär.

02-nji setirde ýükleri daşamakdan alnan girdejiler görkezilýär, daşalan ýükleriň möçberi barada hereket edýän tarifler boýunça ýa-da baglaşylan şertnamalara laýyklykda düzülen buhgalter hasaba alyş resminamalary esasynda kesgitlenilýär.

03-nji setirde ýolagçylary bellenen ugry bilen gatnaýan taksomotorlar, sargytlar boýunça awtobuslar bilen gatnatmakdan alnan girdejiler.

04-nji setirde ýolagçylary ýeňil taksomotorlaryň işinden alnan girdejiler.

05-nji setirde kärhananyň işleriň başga görnüşlerinden alnan girdejiler görkezilýär.

**Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi**